**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**— BERKARAR TÜRKMENISTAN DÖWLETIMIZ DOSTLUKLY HYZMATDAŞLYGA MYDAMA TAÝÝAR WE BIZ BU BABATDA AÇYK SYÝASATY ALYP BARÝARYS.**

DÖWLET BERKARARDYR, DÖWÜR BAGTYÝAR!

# DAŞOGUZ habarlary

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET – BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ – EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№24 (17326)

2019-njy ÝYLYŇ

23-nji FEWRALY

ŞENBE

ESASLANDYRYJYSY — DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI




## DÖWLETARA GATNAŞYKLARY ÖSDÜRMEGIŇ ÝOLUNDA NOBATDAKY MÖHÜM ÄDIM

### *Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Prezident Mohammad Aşraf Ganiniň arasyndaky gepleşikler*

21-nji fewralda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we ýurdumyza resmi sapar bilen gelen Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Ganiniň arasynda gepleşikler geçirildi.

Irden owgan Lideriniň awtoulag kerweni motosikletçileriň hormat nyzamynyň ugratmagynda Garaşsyzlyk meýdanyna geldi, şol ýerde belent mertebeli myhmany resmi garşylamak dabarasy boldy.

Soňra iki ýurduň Liderleri Ruhyýet köşgüne ugradylar. Bu ýerde, Türkmenistanyň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasy tamamlanandan soň, ýokary derejedäki ikiçäk türkmen-owgan gepleşikleri geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Mohammad Aşraf Ganini myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, ýurdumyza resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin belent mertebeli myhmana minnetdarlyk bildirdi. Milli Liderimiz şu gezekki ýokary derejedäki duşuşygyň ilkibaşdan özara ynanyşmak, netijeli häsiýete eýe bolan döwletara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň ýolunda nobatdaky möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi.

Belent mertebeli myhman mähirli kabul edendigi we myhmansöýerlik üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa hoşallyk bildirip, Türkmenistanda ýene-de bolup görmek mümkinçiligine örän şatdygyny aýtdy. Owganystan Türkmenistan bilen dostluk we doganlyk gatnaşyklaryna uly sarpa goýýar.

Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen-owgan gatnaşyklary hemişe özara hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk esasynda guraldy diýip, belent mertebeli myhman nygtady hem-de iki doganlyk ýurduň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň umumy abadançylygyň bähbidine mundan beýläk-de berkidiljekdigine we täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdi.

Özara düşünişmek hem-de ynanyşmak ýagdaýynda geçen duşuşygyň dowamynda Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow we Mohammad Aşraf Gani türkmen-owgan hyzmatdaşlygynyň esasy meselelerini ara alyp maslahatlaşyp, ozal gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişine hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň geljegine aýratyn üns berdiler. Şunda sebitiň abadançylygy üçin uly ähmiýete eýe bolan bilelikdäki möhüm taslamalary durmuşa geçirmäge üns berildi.

Iki ýurduň Liderleri söwda-ykdysady ulgamda türkmen-owgan gatnaşyklarynyň giňeldilmeginiň wajypdygyny aýdyp, ynsanperwer-medeni ulgamda däp bolan hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň zerurdygyny bellediler.

Taraplar özara gyzyklanma bildirilýän sebit we halkara syýasatynyň wajyp meseleleriniň birnäçesi boýunça-da pikir alyşdylar.

Soňra gepleşikler iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdirildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Mohammad Aşraf Ganini hem-de owgan wekiliýetiniň agzalaryny ýene-de bir gezek mähirli mübärekläp, Türkmenistanyň iki ýurduň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmek hem-de pugtalandyrmak meselelerini iň bir netijeli ýagdaýda, doganlyk we özara düşünişmek ruhunda ara alyp maslahatlaşmaga hemişe taýýardygyny nygtady.

Biziň häzirki duşuşygymyz Türkmenistan bilen Owganystanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan gününde geçýär diýip, milli Liderimiz sözüni dowam etdi.

Türkmenistan we Owganystan daşary syýasat ulgamynda dünýäniň häzirki ösüşiniň esasy meseleleri boýunça garaýyşlaryň meňzeşligine esaslanýan uzak döwürlik oňyn tejribe topladylar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz iki ýurduň halkara guramalaryň, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde alyp barýan hyzmatdaşlygyny aýratyn belledi. Türkmenistan BMG-niň çäklerinde döwletimiziň öňe sürýän başlangyçlaryny üýtgewsiz goldaýandygy üçin Owganystana minnetdardyr. Hususan-da, Owganystan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň biziň ýurdumyzyň teklip eden energetika howpsuzlygy we durnukly ulag ulgamy boýunça kabul eden Rezolýusiýalarynyň birnäçe gezek awtordaşy bolup çykyş etdi.

Owganystanyň Hökümeti Birleşen Milletler Guramasynyň dürli edaralaryna saýlawlarda hem Türkmenistanyň dalaşgärligini hemişe goldaýar. Biz halkara guramalarda birek-biregi goldamak tejribesini geljekde hem dowam ederis. Sebit we ählumumy meseleleriň iň bir giň topary boýunça syýasy-diplomatik taýdan özara arkalaşykly hereketlerimizi yzygiderli giňelderis diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Milli Liderimiz häzirki döwürde öňde durýan esasy meseläniň sebitde berk we uzak möhletli parahatçylygy, durnukly ösüşi hem-de howpsuzlygy üpjün etmekden ybaratdygyny aýdyp, bu ugurda ysnyşykly we netijeli türkmen-owgan hyzmatdaşlygynyň şu maksada ýetmekde, sebitdäki işleri netijeli ösdürmekde esasy şertleriň birine öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Şunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň sebitde gapma-garşylyklaryň öňüni almaga we olary ýok etmäge gönükdirilen gurallary döretmekde, degişli syýasy-diplomatik usullary işläp taýýarlamakda Birleşen Milletler Guramasyna, beýleki halkara we sebit guramalaryna hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardygyny tassyklady. Bitarap döwlet hem-de Owganystanyň ýakyn goňşusy hökmünde biziň ýurdumyz Owganystanyň Hökümetiniň we bu ýurtdaky ýagdaýy parahatçylykly, syýasy taýdan düzgünleşdirmäge gyzyklanýan ähli taraplaryň arasynda göni gatnaşyklary guramak üçin ähli zerur şertleri döretmäge taýýardyr.

Sebitde howpsuzlygy üpjün etmek terrorçylyk howpuna netijeli garşy durmak bilen berk baglydyr. Türkmenistan bu ugurda ikitaraplaýyn ysnyşykly hyzmatdaşlygy dowam etmäge, halkara guramalar bilen arkalaşykly işlemäge taýýardyr. Bu meselede Birleşen Milletler Guramasynyň Terrorçylyga garşy ählumumy strategiýasyny toplumlaýyn durmuşa geçirmek aýgytlaýjy şert bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Biziň ýurdumyz kabul edilen bilelikdäki resminamalaryň, hususan-da, 2011-nji ýyldaky Aşgabat Jarnamasynyň hem-de Merkezi Aziýa üçin hereketleriň Bilelikdäki meýilnamasynyň esasynda has ysnyşykly we utgaşykly işlemäge gyzyklanýan ähli döwletleri hem-de halkara guramalary hyzmatdaşlyga çagyrýar. Milli Liderimiz bular barada aýtmak bilen, Türkmenistan bilen Owganystanyň ikitaraplaýyn derejede hem-de köptaraplaýyn görnüşde neşe serişdeleriniň ýaýradylmagyna, serhetüsti guramaçylykly jenaýatçylyga we beýleki bikanun işlere garşy geljekde hem göreşjekdigine ynam bildirdi.

Owgan tarapynyň gatnaşmagynda energetika, ulag hem-de kommunikasiýa ýaly örän möhüm ugurlarda iri üpjünçilik taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi Owganystanda syýasy durnuklylygyň, ýurdy ykdysady we durmuş taýdan dikeltmegiň, onuň sebit hem-de dünýä hojalyk işlerine üstünlikli goşulmagynyň esasy şerti bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bu ugurda yzygiderli iş alyp barmak bilen, birnäçe iri sebit taslamalaryny öňe sürdi. Bu taslamalar eýýäm iş ýüzünde amala aşyrylyp başlandy. Bir ýyl mundan ozal iki ýurduň Liderleriniň gatnaşmagynda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň nobatdaky tapgyrynyň gurluşygyna badalga berildi. Şonda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň düýbi tutuldy, şeýle hem Serhetabat — Turgundy ugry boýunça täze demir ýol açylyp, işe girizildi.

Şunuň bilen birlikde, häzirki wagtda uly bolmadyk, ýerli derejeli beýleki bilelikdäki taslamalar üçin hem täze mümkinçilikler açylýar. Mysal üçin, biz köne Kelif — Şybyrgan gaz geçirijisi boýunça türkmen tebigy gazyny ibermegi öz güýjümiz bilen ýola goýup bilerdik. Şu mesele boýunça eýýäm iki ýurduň degişli pudak edaralarynyň arasynda gepleşikler geçirildi.

Elektrik energetikasy pudagynda hem hyzmatdaşlyk giňden ösdürilýär diýip, döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow belledi. Geçen ýyl Rabatkaşaň — Kalaýnau elektrik geçiriji ulgamy ulanmaga berildi. Hamýap — Garkyn ugry boýunça hem şular ýaly ulgamy gurmak göz öňünde tutulýar.

Sebitde giň gerimli ulag üpjünçilik ulgamlaryny döretmegiň taslamalaryna Owganystany çekmek häzirki döwürde möhüm wezipe bolup durýar.

Bellenilişi ýaly, Serhetabat — Turgundy demir ýol gatnawynyň taslamasy üstünlikli amala aşyryldy we Türkmenistan bu ýoluň gurluşygyny Hyrat şäherine çenli dowam etdirmek baradaky gepleşiklere başlamaga taýýardyr.

Häzirki wagtda Akina demir ýol menzilinde ýoluň 10 kilometrlik böleginiň gurluşygy alnyp barylýar. Bu demir ýoluň gurluşygyny Andhoý şäherine çenli dowam etdirmek boýunça tehniki-ykdysady taslamany taýýarlamak meselesine garamaga-da türkmen tarapy taýýardyr.

«Lazurit» taslamasyny amala aşyrmak boýunça bäştaraplaýyn hyzmatdaşlyk işjeň we maksada gönükdirilip alnyp barylýar. Bu örän möhüm ulag geçelgesiniň gurluşygynyň ähli meselelerini ylalaşmak maksady bilen, biz oňa gatnaşýan ýurtlaryň ulag ministrleriniň yzygiderli duşuşygyny dowam etmegi göz öňünde tutýarys. Milli Liderimiz mümkinçilikden peýdalanyp, bu taslama uly üns berýändigi we ony goldaýandygy üçin belent mertebeli myhmana minnetdarlyk bildirdi.

Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň möçberleri barada aýdylanda bolsa, onuň görkezijileriniň erbet bolmandygyny bellemek isleýärin.

Geçen, 2018-nji ýylda özara söwda dolanyşygy 684 million amerikan dollaryna golaý boldy. Bu bolsa 2017-nji ýyl bilen deňeşdireniňde, ep-esli köpdür diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow söwda dolanyşygynyň möçberlerini has-da artdyrmak we diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek üçin mümkinçilikleri gözlemegiň, ykdysady hyzmatdaşlyga orta we kiçi telekeçiligiň has işjeň gatnaşmagynyň zerurdygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz telekeçilik ulgamynyň iki ýurduň bazarlaryna ýnamly girmelidigini aýdyp, senagat harytlary önümçiligi, oba hojalygy, hyzmatlar ulgamy we beýleki ugurlar ýaly bilelikdäki kooperasiýanyň dürli görnüşleriniň ýola goýulmalydygyny belledi. Sebäbi türkmenleriň we owganlaryň özara söwdany, telekeçiligi alyp barmakda köpasyrlyk tejribesi we däpleri bar. Bizde birek-birege teklip eder ýaly zatlar köp.

Şunuň bilen baglylykda, iki ýurduň işewürler bileleşikleri işjeň hereket etmelidirler. Bilelikdäki işewürler maslahatlaryny ýygy-ýygydan geçirmelidirler, iki ýurduň haryt öndürijileriniň sergilerini guramalydyrlar. Biz bolsa işewürler bileleşikleriniň ugry boýunça hyzmatdaşlyga doly goldaw bereris diýip, milli Liderimiz nygtady.

Şeýle hem Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-owgan toparynyň işini güýçlendirmek, onuň mümkinçiligini doly derejede ulanmak, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň täze ýollaryny we ugurlaryny gözlemek zerurdyr.

Häzirki döwürde ynsanperwer ulgamy hem hyzmatdaşlygyň zerur tarapydyr diýip, milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady. Şoňa görä-de, Owganystana ynsanperwer kömegi bermegiň ýörite maksatnamasyna laýyklykda, biziň ýurdumyz Balh welaýatynda mekdep, Farýap welaýatynda oba hassahanasyny, Hyrat welaýatynda bolsa çaga dogrulýan öýi gurup, ulanmaga berdi. Türkmenistan Owganystanda durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny geljekde hem dowam eder.

Goňşy döwletler bilim ulgamynda hem ysnyşykly hyzmatdaşlyk edýärler. Owgan oglan-gyzlarynyň ýüzlerçesi Türkmenistanda bilim alyp, döwlet gullugynda işleýär, owgan ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda zähmet çekýär.

Häzirki döwürde hem owgan talyplary ýurdumyzyň birnäçe ýokary okuw mekdeplerinde okaýarlar. Owgan talyplaryny Türkmenistanda taýýarlamak geljekde hem dowam etdiriler.

Milli Liderimiz ylym we medeniýet ulgamlarynda hem hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygyny aýdyp, sungat ussatlarynyň wekilleriniň alyşmagyň, türkmen we owgan halklarynyň baý hem-de özboluşly taryhy mirasyny bilelikde öwrenmegiň maksat edinilýändigini nygtady.

Şu gün iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň bozulmazdygyny, sebitde hem-de bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak üçin ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmäge taraplaryň taýýardyklary tassyklanyldy. Özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlyga, giň gerimli taslamalary bilelikde amala aşyrmaga berk eýerilýändigi beýan edildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Mohammad Aşraf Ganä alyp barýan netijeli işleri, Türkmenistan bilen doganlyk gatnaşyklary ösdürmäge üýtgewsiz taýýardygy we uly üns berýändigi üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi hem-de ähli owgan halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Owganystan Yslam Respublikasynyň Baştutanyna söz berilýär. Prezident Mohammad Aşraf Gani milli Liderimize OÝR-nyň wekiliýetiniň gadymy türkmen myhmansöýerligi ruhunda kabul edilendigi hem-de gepleşikleriň ýokary derejede guralandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, şu saparyň iki ýurduň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 27 ýyllygyna gabat gelendigini belledi.

Soňky dört ýylyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň tagallalary netijesinde ägirt uly işler ýerine ýetirildi diýip, belent mertebeli myhman aýratyn belledi. Owganystan hemişe Türkmenistanyň amala aşyrýan bitaraplyk syýasatyny goldaýar we mundan beýläk-de goldar. Şol syýasat bolsa oňyn halkara gatnaşyklary ösdürmekde möhüm orun eýeleýär.

Prezident Mohammad Aşraf Gani ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyk meselesine degip geçmek bilen, «Lazurit» ulag-üstaşyr geçelgesiniň (Owganystan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe) ähmiýetini nygtady we döwlet Baştutanymyza şu ýoly ösdürmek boýunça berýän goldawy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Goňşy döwletiň Baştutany şeýle hem özara gatnaşyklaryň dürli ugurlarda, şol sanda demir ýol ulagy we aragatnaşyk ulgamynda uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, owgan tarapynyň halkara ähmiýetli polat ýollaryň gurluşygyna hem gatnaşjakdygyna ynam bildirdi.

Şunuň bilen baglylykda, Prezident Mohammad Aşraf Gani Serhetabat — Turgundy demir ýolunyň Hyrat şäherine çenli dowam etdirilmegi baradaky başlangyjyň örän wajypdygyny nygtap, bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi üçin owgan tarapynyň degişli işleri ýerine ýetirjekdigine ynandyrdy.

Şunuň bilen birlikde, optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamyny çekmek boýunça taslamanyň geljeginiň uludygy bellenildi. Bu taslama sebitiň ýurtlary üçin ykdysady taýdan örän amatly bolar.

Belent mertebeli myhman uzak möhletli häsiýete eýe bolan energetika ulgamyny ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezip, Türkmenistanyň adyna Owganystana iberilýän elektrik energiýasynyň möçberlerini artdyrmaga taýýarlyk üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Dostlukly ýurduň Lideri TOPH gaz geçirijisini gurmak baradaky taslamanyň sebitiň ýurtlary üçin ähmiýetini nygtap, owgan tarapynyň bu ugurda netijeli ädimleri ätjekdigine ynandyrdy.

Prezident Mohammad Aşraf Gani şeýle hem milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkmenistanda owgan ýaşlarynyň okamagy baradaky meseläniň çözülmegi hem-de bu ugurda ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmaga ýakyndan goldaw berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Prezident Mohammad Aşraf Gani iki ýurduň arasyndaky taryhy-medeni gatnaşyklary ösdürmek boýunça hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdi. Şeýle hem halyçylyk pudagynda hyzmatdaşlyk üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Beýleki ulgamlarda hem netijeli gatnaşyklary ösdürmek, degişli düzümleriň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin oňaýly şertler bar.

Şunuň bilen birlikde, BMG-niň çäklerinde netijeli gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň Owganystan üçin uly ähmiýete eýedigi nygtaldy.

Belent mertebeli myhman ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, hormatly Prezidentimize döredijilikli başlangyçlary hem-de gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde durmuşa geçirmäge yzygiderli goldaw berýändigi üçin hoşallyk sözlerini aýtdy.

Giňişleýin düzümde gepleşikler tamamlanandan soň, özara bähbitli türkmen-owgan hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de üstünlikli ösdürmäge ýardam bermäge gönükdirilen ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow we Mohammad Aşraf Gani Türkmenistan bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama hem-de Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

Döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda: Türkmenistanyň Hökümeti bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda nebitgaz pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Owganystan Yslam Respublikasynyň Hyrat welaýatyna iberilýän türkmen elektrik energiýasynyň möçberlerini artdyrmak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Howa gatnawy hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmendemirýollary» agentligi bilen Owganystanyň Demir ýol ulaglary edarasynyň arasynda Akina — Andhoý demir ýoluny gurmak barada Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmen-owgan döwlet serhedinde halkara demir ýol geçiriş ýeri hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyga; Türkmen-owgan döwlet serhedinde Serhetabat — Turgundy stansiýalarynyň arasynda demir ýol gatnawyny guramagyň Kadalaryna; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda gümrük işlerinde hyzmatdaşlyk we özara ýardam bermek hakynda Ylalaşyga; Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty bilen Owganystanyň Milli arhiwiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek barada Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Soňra iki ýurduň Liderleri köpçülikleýin habar beriş serişdelerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabatda geçirilen ýokary derejedäki duşuşygyň jemlerini teswirläp, özara ynanyşmak ýagdaýynda geçen gepleşikleriň netijeli bolandygyny nygtady.

Milli Liderimiz saparyň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumyna gol çekilendigini belläp, doganlyk owgan halkyna parahatçylyk, abadançylyk we gülläp ösüş baradaky tüýs ýürekden arzuwlaryny ýollady.

Prezident Mohammad Aşraf Gani köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenip hem-de ýokary derejedäki duşuşygyň netijelerini beýan edip, şu gün Türkmenistan bilen Owganystanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan gününe 27 ýyl dolýandygyny buýsanç bilen belledi.

Prezident Mohammad Aşraf Gani Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa we ähli doganlyk türkmen halkyna ikitaraplaýyn netijeli gatnaşyklary ösdürmäge goldaw berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz belent mertebeli myhmanyň hormatyna resmi günortanlyk naharyny berdi.

Günüň ikinji ýarymynda Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyna bardy, şol ýerde professor-mugallymlar düzüminiň we talyplaryň öňünde çykyş etdi.

Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Gani Türkmenistana resmi saparynyň maksatnamasyny tamamlap, paýtagtymyzyň Halkara howa menziline bardy we Aşgabatdan ugrady.

**«Daşoguz habarlary».**

# Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Ganiniň BILELIKDÄKI BEÝANNAMASY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň çagyrmagy boýunça 2019-njy ýylyň 21-nji fewralynda Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Ganiniň Türkmenistana resmi sapary boldy.

Döwlet Baştutanlary ikitaraplaýyn gepleşikleriň dowamynda türkmen-owgan gatnaşyklarynyň ýagdaýy we olary ösdürmegiň mümkinçilikleri barada, şeýle hem özara gyzyklandyrma bildirilýän möhüm halkara we sebit meseleleri barada pikir alyşdylar.

Prezidentler ozal gazanylan ylalaşyklaryň we gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň ýerine ýetirilişiniň barşyny ara alyp maslahatlaşyp, hyzmatdaşlygyň syýasy, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-ynsanperwer we beýleki ugurlarda ýokary depginler bilen ösdürilýändigini bellediler. Döwlet Baştutanlary türkmen-owgan gatnaşyklaryny täze derejä çykarmaga çalşyp, Türkmenistan bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň arasynda Strategik hyzmatdaşlyk hakyndaky Şertnama gol çekdiler. Bu Şertnama doganlyk halklaryň arasyndaky taryhy däp bolan dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de berkitmäge hyzmat eder.

Taraplar köpugurly hyzmatdaşlygy deňhukuklylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbit, özara hormat goýmak we birek-biregiň bähbitlerini nazara almak ýörelgeleri esasynda dowam etdirmäge we berkitmäge özara gyzyklanma bildirilýändiginden ugur alyp, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň, syýasy geňeşmeleri geçirmegiň tejribesiniň hukuk esaslaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigini bellediler.

Döwlet Baştutanlary halkara terrorçylyga, ekstremizme, gizlin migrasiýa, neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň bikanun dolanyşygyna, transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga we halkara howpsuzlygyň beýleki wehimlerine we howplaryna garşy göreşmekde hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn derejede hem, halkara guramalaryň çäklerinde hem mundan beýläk-de ösdürmegiň zerurdygyny tassykladylar.

Türkmenistanyň Prezidenti Owganystanda parahatçylygy we durnuklylygy gazanmaga, ony parahat we gülläp ösýän ýurda öwürmäge ýardam bermegi dowam etdirmäge özüniň taýýardygyny, şonuň bilen birlikde owgan halkynyň ýurdy syýasy we durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek babatdaky saýlap alan ýoluna hormat goýýandygyny tassyklady.

Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan syýasatynyň durnuklylygy we howpsuzlygy berkitmek, sebitiň ýurtlaryny durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösdürmegi üpjün etmek işine uly goşant goşýandygyny belledi.

Taraplar söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga, iki ýurduň hojalygy ýöredijileriniň we sebitleriniň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge goldaw bermek barada ylalaşdylar. Özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça ylalaşylan çäreleri işläp taýýarlamagyň netijeli usuly hökmünde Bilelikdäki Toparyň işini işjeňleşdirmegiň zerurdygy bellenildi.

Döwlet Baştutanlary ykdysady hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryna seredilende ulag-kommunikasiýa ulgamyna aýratyn üns berdiler. Taraplar Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň, Türkmenistan — Owganystan — Pakistan (TOP) elektrik geçirijisiniň we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygynyň durmuşa geçirilişiniň barşyndan kanagatlanma bildirdiler we bu ugurda işleri dowam etdirmäge hemmetaraplaýyn goldaw berjekdiklerini beýan etdiler.

Taraplar Owganystan Yslam Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gruziýanyň, Türkiýe Respublikasynyň we Türkmenistanyň arasynda Üstaşyr we ulag hyzmatdaşlygy hakyndaky 2017-nji ýylyň 15-nji noýabryndaky Ylalaşygyň («Lazurit» ugry boýunça Ylalaşygyň) iş ýüzünde durmuşa geçirilip başlanandygyny kanagatlanma bilen bellediler. Taraplar Ylalaşyga gatnaşyjy döwletleriň ulag ministrleriniň we gümrük gulluklarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygynyň 2019-njy ýylyň maý aýynda Aşgabatda geçirilmegini goldaýandyklaryny beýan etdiler.

Prezidentler Serhetabat — Turgundy we Kerki — Ymamnazar — Akina demir ýol ulgamlarynyň, şeýle hem Rabatkaşaň — Kalaýnau elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygynyň tamamlanandygyna we ulanmaga berlendigine ýokary baha berdiler. Atamyrat — Hamýap — Garkyn elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygynyň meýilnamalaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmäge goldaw beriljekdigi beýan edildi.

Taraplar bilim, ylym, medeniýet, sungat, syýahatçylyk we sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge goldaw bermek, degişli guramalaryň, medeniýet we sungat işgärleriniň, ylmy-barlag merkezleriniň, okuw mekdepleriniň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň arasynda gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna ýardam bermek barada ylalaşdylar.

Prezidentler owgan hünärmenlerini Türkmenistanyň bilim edaralarynda taýýarlamagyň ugurlarynyň sanawynyň giňeldilendigine ýokary baha berdiler.

Döwlet Baştutanlary iki döwletiň halklarynyň baý medeni taryhy mirasyny öwrenmek, gorap saklamak we wagyz etmek boýunça çärelere hemmetaraplaýyn goldaw berjekdiklerini beýan etdiler.

Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Gani Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa, Türkmenistanyň halkyna owgan wekiliýetini mähirli garşylandyklary we myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirdi we Türkmenistanyň Prezidentini özi üçin amatly wagtda Owganystan Yslam Respublikasyna jogap sapary bilen barmaga çagyrdy. Saparyň möhletleri diplomatik ýollar arkaly ylalaşylar.

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

**Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf GANI.**

Aşgabat, 2019-njy ýylyň 21-nji fewraly.

## Resmi habar

Türkmenistanyň Prezidenti Buýruklara gol çekdi, resminamalara laýyklykda, degişli ugurlarda iň gowy dünýä tejribesini öwrenmek maksady bilen, aşakda görkezilen ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlar düzüminiň wekilleri iş saparlaryna iberilýär:

Döwlet energetika instituty — Koreýa Respublikasyna;

Döwlet çeperçilik akademiýasy, Jemagat hojalygy instituty, Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti — Ýaponiýa;

Türkmen döwlet maliýe instituty, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty — Hytaý Halk Respublikasyna;

Türkmen oba hojalyk instituty, Milli sport we syýahatçylyk instituty — Rumyniýa;

Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti — Awstriýa Respublikasyna.

*(TDH).*

## Welaýat häkimliginde

# ROWAÇ MENZILLERIŇ MAKSATNAMASY

Golaýda welaýat häkimliginiň mejlisler zalynda döwrümiziň möhüm meselesine bagyşlanan maslahat bolup geçdi. Maslahatyň işine welaýatymyzyň ykdysady ulgamynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, welaýat, şäher, etrap häkimlikleriniň jogapkär işgärleri, edara-kärhanalaryň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Ýokary ruhubelentlige beslenip, işjeň ýagdaýda geçen bu maslahatda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» barada giňişleýin gürrüň edildi. Watanymyzyň mundan beýläk hem rowaçlygyna, il-halkymyzyň eşretli hem abadan durmuşyna gönükdirilen bu wajyp maksatnamany üstünlikli durmuşa geçirmegiň anyk ýollary kesgitlendi. Maslahaty TDP-niň welaýat komitetiniň başlygy Merdan Meredow alyp bardy.

Bu möhüm maksatnamany jikme-jik öwrenmäge, düýpli özleşdirmäge we onuň üstünlikli durmuşa geçmegini gazanmaga bagyşlanan bu maslahatda çykyp geplemeler işjeň ýagdaýa eýe boldy. Çykyşlarda hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlary, ýurduň sebitlerini gyradeň ösdürmegiň, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokary derejelere çykarmagyň, şular bilen bir hatarda welaýatymyzyň durmuş-ykdysady ösüşini maksatnamada göz öňünde tutulýan derejelere ýetirmegiň ugurlary barada çynlakaý gürrüň edildi. Şunda welaýatymyzyň merkezinde ýakyn 2019-2021-nji ýyllarda 450 orunlyk köpugurly hassahanany, şonuň ýaly-da 150 orunlyk onkologiýa hassahanasyny gurmagyň göz öňünde tutulýandygy, lukman Prezidentimiziň bu binalary gurmaga eýýäm ygtyýar berendigi barada uly joşgun hem guwanç bilen aýdylyp geçildi.

Çuňňur seljermelere ýugrulan, baý mazmunly şeýle çykyşlara Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary Silap Welbegow, şu ministrligiň strategik we durnukly ösüş müdirliginiň başlygy Atajan Ataýew, şu müdirligiň strategik çaklaýyş we seljeriş bölüminiň başlygy Maral Ataýewa, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy Çary Ýollyýew, mährem ene Eneş Atabaýewa, Türkmen oba hojalyk institutynyň uly mugallymlary Ýazguly Ataýew, Rahmanberdi Gökleňow dagy gatnaşdylar.

Çykyş edenler we bu maslahata gatnaşyjylaryň ählisi eziz Watanymyzyň ýeneki rowaçlyklary, öz halkynyň röwşen geljegi ugrunda ýadawsyz alada edýän milli Liderimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak, abraý-mertebesiniň mundan-da beýik bolmagyny tüýs ýürekden arzuw etdiler.

**Bally SEÝITBERDIÝEW,**
**«Daşoguz habarlary».**

## Ýürek sözi

# ŞA SERPAÝY — BEHIŞDI BEDEW

Halkymyzyň şöhratly taryhy deňi-taýy bolmadyk şanly bedewleri bilen aýrylmaz bagly. Eýesiniň söýgüsi bilen iň oňat häsiýetlerini özüne siňdiren bedewler halkyň hüý-häsiýetine, edim-gylymyna mahsus bolan sypatlary özünde jemläpdirler. Howada sähelçe yrgyldy, şygyrdy bolsa gulagyny keýerdip duýup, adam kalbyndaky üýtgeşmeleri-de syzýan bedewler milli guwanjymyzdyr. Ýurdumyzyň ajaýyp tebigaty, aram howasy, çogly güneşi türkmen bedewiniň reňkini lowurdap duran altyna meňzedipdir. Bu ajaýyp atlar hakynda diňe bir biziň döwürdeşlerimiz däl, gadymy taryhyçylaryň, alymlaryň ýazgylarynda, rowaýatlarda, şeýle hem arap, ýewropa syýahatçylarynyň ýol ýazgylarynda



gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. Olaryň ählisinde ynsan gylykly bedewleriň gözelligi, çeýeligi, wepalylygy iňňän çeperçilik we haýrangalyjylyk bilen beýan edilýär.

Bagtyýarlyk döwrümizde hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen milli atçylyk pudagy täze derejelere çykdy. Ýurdumyzda arassa ganly ahalteke bedewleriniň baş sanyny artdyrmak, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek, sportuň atçylyk görnüşlerini hem-de at münmegiň milli däplerini wagyz etmek boýunça uly işler geçirilýär. Halkymyzyň atçylyk sungaty bilen bagly gadymy däp-dessurlaryny dikeltmek meseleleri hormatly Prezidentimiziň hemişe üns merkezinde durýar. Ata-babalarymyzyň atşynaslyk sungatyny döwrebap derejede ösdürýän hormatly Prezidentimiz ýygy-ýygydan atçylyk toplumynda bolup, özüniň behişdi bedewleri bilen didarlaşýar, olar bilen atly gezelenç edýär. Şeýle duşuşyklaryň birinde, ýagny şu ýylyň 3-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz bu toplumda ajaýyp Ruhubelent bilen didarlaşdy. Şonda gyz gylykly Ruhubelendiň eýesiniň yşaraty bilen esger ýörişini etmegi, çarpaýa galmagy eýesiniň islegini gözünden aňlaýan bedewiň düşbüliginden habar berýär.

Ýakynda bolsa Gahryman Arkadagymyz ahalteke atçylyk toplumyndan özüniň ösdürip ýetişdiren ajaýyp bedewi Ruhubelendi meşhur milli at üstündäki oýunlar topary bolan «Galkynyşa» sowgat berdi. Gözellikde, ýyndamlykda deňi-taýy bolmadyk, dünýä rekordyny gazanyp, köp ýyllaryň dowamynda taý tapylmadyk Pereň hem Polatly atly atlaryň neslinden bolan Ruhubelent indi özüniň kaddy-kamaty, täsin oýunlary bilen meşhur «Galkynyş» toparynyň atlarynyň üstüni ýetirip, dünýäni aýlanar. Dünýäniň atşynaslaryny özüne bendi eder.

Şöhratly pederlerimiziň atşynaslyk däplerini dowam edýän, ajaýyp bedewlerimize aýratyn üns-alada bilen garaýan, ýurdumyzyň atçylyk pudagyny täze derejelere çykarýan Gahryman Arkadagymyzyň il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Agabaý GÖKOW,**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.**

## Türkmenistan — rowaçlygyň Watany

# TARYHY DÖWRÜŇ ROWANALYGY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň eziz Watanymyzda ösüşleri hem-de özgerişleri nazarlaýan täze beýik eýýamy rowaçlyklara beslenip, halkyň durmuşyna tükeniksiz nuranalyk eçilýär. Bu ajaýyp eýýamda milli Liderimiziň öňdengörüjilikli we parasatly baştutanlygynda ägirt uly işler amala aşyrylýar, öňde goýlan beýik maksatlara, uly üstünliklere ýetilýär, berk binýatly, kuwwatly, abadan, ýokary derejede ösen, bäsleşige ukyply döwlet hökmünde Watanymyzyň dünýä giňişligindäki abraýy arşa galýar. Bu taryhy döwürde durmuşa geçirilýän milli we pudaklaýyn maksatnamalar döwletimiziň we halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy, bagtly, eşretli durmuşyna gönükdirilýär we ol milli Liderimiziň ady bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmenistan döwletimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty beýik maksada — agzybir halkymyzyň, geljekki nesillerimiziň bolelin, bagtyýar, parahat we asuda durmuşda ýaşamagyna, ýurdumyzyň mizemezligini, berkligini hem-de kuwwatlylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

2019-njy ýylyň «Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» diýlip atlandyrylmagy döwletimizi we jemgyýetimizi mundan beýläk-de sazlaşykly we hemmetaraplaýyn gülledip ösdürjek, eziz Watanymyzyň bütin dünýädäki abraý-mertebesini belende galdyrjak, täzelenişe, ösüşlere we özgerişlere gönükdirilen beýik taryhy başlangyçlary amala aşyrjak Gahryman Arkadagymyzyň töweregine halkymyzy öňküden hem berk jebisleşdirýär.

Aslynda «rowaçlyk» sözüniň asyl manysy işleriň ileri bolmagy, amatlylyk, öňde goýlan maksatlara üstünlikli ýetmek ýaly düşünjelerden durýar. Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň başyndan bäri il-ýurt bähbitli birnäçe çözgütleridir kararlary kabul etmegi ýylymyzyň hakykatdan-da rowaçlyga beslenjekdiginden habar berýär.

Hormatly Prezidentimiziň biziň öňümizde goýýan möhüm wezipelerinden ruhlanyp, halkymyzyň medeni-ruhy durmuşyny ösdürmek bilen baglanyşykly syýasy-jemgyýetçilik, medeni-köpçülik çärelerini yzygiderli geçirmek, kabul edilýän kanunlary ilat arasynda giňden düşündirmek boýunça welaýat adalat bölüminiň işgärleri bilen bilelikde gaýratly zähmet çekjekdigimize ynandyrýarys.

**Oguljahan HUDAÝGULYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugynyň welaýat müdirliginiň Ruhubelent etrap bölüminiň döwlet bellige alyjysy.**

# ŞANLY ÝYLYŇ WASPY

2019-njy ýylyň «Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» diýlip atlandyrylmagy kalby mukaddes Watanymyza söýgüden, Belent Serkerdebaşymyza çäksiz alkyşdan doly halkymyzyň buýsanjyny goşalandyrdy. Häzirki döwürde ýurdumyzyň çar künjünde geçirilýän maslahatlardyr wagyz-nesihat çäreleri hem bu şanly ýylyň dabaralaryny belende göterýär. Ýakynda welaýat we Daşoguz şäher prokuraturalarynyň bilelikde guramagynda welaýatyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň gatnaşmaklarynda wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Çärede Daşoguz şäheriniň prokurorynyň uly kömekçisi, 3-nji derejeli ýurist Keýikjemal Begmedowa çykyş edip, Türkmenistan — rowaçlygyň Watany ýylynda Belent Serkerdebaşymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzy gülledip ösdürmek, halkymyzy abadan durmuşda ýaşatmak ugrunda alyp barýan işleri, berkarar Watanymyzyň ýagty geljegini nazarlaýan döwlet maksatnamalary we olaryň ähmiýeti, milli Liderimiziň dünýäde dabaralanýan ynsanperwer syýasaty barada buýsançly gürrüň etdi. Çäräniň dowamynda muzeýe guralan gezelenç oňa gatnaşanlarda milli gymmatlyklarymyza we mirasymyza bolan söýgini ösdürmekde uly ähmiýete eýe boldy, çäräni mazmun taýdan baýlaşdyrdy.

**Mahym HALYÝEWA,**
**Daşoguz şäher prokurorynyň kömekçisi, 3-nji derejeli ýurist.**

# IŞLERI BILEN GÖRELDE

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmek baradaky tabşyryklaryny üstünlikli berjaý etmekde welaýatymyzda giň göwrümli işler durmuşa geçirilýär. Bu ugurda tejribeli babadaýhanlardyr telekeçileriň bitirýän işleri aýratyn bellärliklidir. Olaryň yhlasly aladasy, gözlegli işleridir janypkeşlikli zähmeti arkaly ýyladyşhana hojalyklarynda limonyň we dürli görnüşli gök ekin önümleriniň bol hasyly ösdürilip ýetişdirilýär. Munuň özi diňe bir gyş paslynda däl, bütin ýylyň dowamynda ilatyň şol önümlere bolan islegini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýyladyşhana hojalyklaryny ýylyň dowamynda, aýratyn-da gyş şertlerinde göwnejaý işletmegi başarýan tejribeli babadaýhanlar diýseň kän. Olar tarapyndan indi birnäçe ýyl bäri ösdürilip kemala getirilýän limon agajynyň we beýleki gök ekin önümleriniň bol hasyl bermegi üçin olaryň agrotehnikanyň talaplaryna laýyk idedilmegini aňryýany bilen berjaý edilýändigini bellemek has-da ýakymly. Özleriniň hususy hojalyklaryndaky ýyladyşhanalardan yzygider bol hasyl öndürýän tejribeli daýhanlaryň hatarynda Görogly etrabynyň Hüdük Myradow adyndaky daýhan birleşiginiň zähmetsöýer we işine ezber daýhanlaryny görkezmek bolar. Olar öňdebaryjy tejribeleri işlerinde batyrgaýlyk bilen ornaşdyrmagyň hasabyna şol bir ýerden alynýan hasylyň möçberini artdyrýarlar. Bu bolsa öz gezeginde ykdysady girdejini ýokarlandyryp, önüm öndürijiniň işe bolan höwesini artdyrýar.

**Öz habarçymyz.**

# BAGBANLARYŇ ALADALARY

***Bag baradaky esasy aladalar gyş paslyna gabat gelýär. Bagbanlar aýtmyşlaýyn, bu döwür uzak wagtlyk argynlykdan soň agaçlaryň «demini dürseýän» pursady. Şonuň üçin hem şu günlerde olaryň töwereklerini arassalap, düýplerini ýumşadyp, dökünleseň, guran-döwlen şahalaryny kesip, timarlasaň has oňat netije berýär.***



S.A.Nyýazow adyndaky etrabyň «Döwletli» daýhan birleşiginiň kärendeçi bagbanlarynyň hem bu işleriň ugruna agzybirlik bilen çykanlaryna esli wagt bolupdyr. Munuň şeýledigini häzirki wagtda olaryň gözegçiligindäki baglaryň görnüşinden hem, yhlas bilen dowam etdirýän çärelerinden-de aňmak kyn däl. Çünki bu ýerdäki bagbanlaryň pursady elden bermeýändikleri anyk görnüp dur.

